# Oýna gelmäñ

Category: Kitapcy,Nukdaýnazar,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Oýna gelmäñ OÝUNA GELMÄÑ




El-Babdaky Türkiýä garşy bolup geçen hüjümleriñ sebäpleri babatda dürli hili pikirler bar.
Pikir bulaşyklygynyñ esasy sebäpleriniñ birem hakydasyzlyk, huşsuzlyk, ýatkeşligiñ pesligi.
Hawa, käbirleri bosgunlardyr migrantlaryñ ýurdumyzdaky köplügini esgerlerimiziñ Siriýanyñ demirgazygynda bolmagy bilen baglanyşdyrýar!
Ýatkeşligi hemişe güýçli tutmak lazym: türk goşuny nämüçin Siriýanyñ demirgazygynda? Ýatladaýyn:
Göç sebäpli ilaty köpelip, ýüz müñe ýeten El-Bab Türkiýäniñ serhedine 30 km daşlykda ýerleşen we Halap häkimligine degişli şäher. Onuñ ady «gapy» manysyny berýär…
El-Bab VII asyrdan başlap eýýubylaryñ döwründe şaýy mezhebindedi. 1516-1919-njy ýyllar aralygynda osmanly agalygynyñ düzüminde bolanlarynda sünnileşdiler…
2011-nji ýylda imperializmiñ turzan graždanlyk urşy El-Baby-da öz içine aldy. Şäherde on bäşe golaý topalañçy topar bardy.

2013-nji ýylda YŞYD şäheri doly basyp aldy.
Türkiýäniň araçäginde diňe YŞYD däl, «Siriýa Demokratik Güýçleri» adyny alan PKK hem ýer basyp almaga girişdi. PKK soňly gezek ABŞ-nyň goldawy bilen Menbiji aldy…
Türkiýe indi raketa hüjümleri bilen birlikde terrorçylykly aktlaryňam nyşanasyndady.




* * *
Bir zady ýatdan çykarýarsyňyz… Diňe 2016-njy ýylda bolup geçrn käbir zatlary ýatladaýyn. Mysal üçin:
2016-njy ýylyň maý aýynyň başyna çenli Kilise, Gaziantepe ýetmişden gowrak raketa atyldy. Tomus aýlarynda sebite düşen raketalaryň jemi sany 95-e ýetendigi aýdyldy.
Şol ýyl Stambulyň «Soltanahmet» meýdanynda we howa menzilinde, Bursanyň Baş metjidinde we Gaziantepfe YŞYD, Ankarada PKK-niň iki gezek we Elazig ýaly ýerlerde guran terrorçylykly aktlary netijesinde jemi 144 gurban boldy.
Terrorizm bilen Türkiýäniň boýnuna syrtmak salynmak islenýärdi.
Galyberse-de, PKK-niň «hendek topalaňyny» ýatladaýyn, FETÖ-nyň

«15-nji iýul» döwlet agdarlyşygyna synanyşygyny ýatladaýyn. Bulam tötänlik däldi.
Bütin bu teraktlardan soňam ýan bermedik Türkiýe hüjüme geçdi: 2016-njy ýtlyň 24-nji awgustynda BMG-nyň Ylalaşygynyň 51-nji maddasyndan gelip çykýan hukugyndan peýdalanjakdygyny mälim etdi we «Ýewfrat galkany» operasiýasyna başlady…
Operasiýanyň birinji ýüz gününden başlap 1.005 YŞYD terrorçysy bilen 299 sany PKK-YPG terrorçysy zyýansyzlandyryldy.
Türkiýe diňe YŞYD-iň däl, araçäkde terror koridoryny açjak bolup urunýan PKK-nyň hem elini-aýagyny baglamagy ilki bilen ABŞ-NATO ýaly ýaranlarynyň jyzzygyna degdi! Bularyň meýilnamasyna görä, Türkiýe YŞYD-a garşy söweşmelidi we azat edilen ýerlere PKK ýerleşdirilmelidi!
Hem YŞYD-ni, hem PKK-ny ýeňip, ýoluny arassalan Türkiýä garşy global mediýany we ýerli aýaklaryny ulanýan sözde ýaranlarymyz şol wagtdan bäri psihologiki uruş alyp barýarlar…




* * *
Gürrüňimiň başyna dolanmaly bolsam: pikir bulaşyklygyny gidermegiň ýoly okap, bilip analitiki düşünmekdir.
Käbirleri ABŞ-NATO-nyň bize nämüçin duşman bolandygyna hiç düşünip bilenok. Gynansak-da… Syýasata şahslardyr liderleriň

üstünden «halaýaryn-halamaýaryn» duýguçulygy bilen nyrh kesýärler. Bularyň pikiriçe häkimiýet näme etse etsin – hökman erbet! Oppozisiýa näme etse etsin – dogry!
Syýasaty bu erbet bölünişikden çykarmasak, imperializmiň oýnuna geleris. Strategiýasyz syýasat bolmaýar.
Hawa, häkimiýet ýalňyşdy: imperializmiň oýnuna gelip Siriýanyň hökümetine garşy «uruş» yglan etdi. Emma:
YŞYD-PKK ýaly oýnawaç «döwletlere» garşy düýn berk durşy ýaly, şu günem Beşar Esat bolen duşuşyklar geçirme islegi-eradasy dogry. «Waý, düýn şeýdipdiň-ä» diýip netijesiz şerraý syýasy galmagal, demagogoýa turuzmagyň geregi ýok.
Gürrüňsiz, häkimeti üýtgedip bilseňiz üýtgediň, emma muny döwletiň syýasy ugruna duşmançylyk etmezden ediň… Atlantikçi frontyň oýnuna, duzagyna düşmäň…
Haýyş edýärin, Türkiýäniň käbir şäherlerindäki we El-Babdaky hadysalara şu nukdaýnazardanam seredip görüň…
Ilki Siriýa bilen ýaraşalyň.
Soňra bosgunlar meselesini çözeliň.

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 04.07.2024 ý. Publisistika